**Türkmenistanyň çägine goýberilmegi gadagan edilýän ýa-da çäklendirilýän awtoulag serişdeleri**

- öndürilen ýyly hasaba alynmanda 5 ýyly dolan hem-de öndürilen ýylyna garamazdan, zyýan ýetendigi ýa-da zaýalanandygy sebäpli, zyýan ýetmeginiň ýa-da zaýalanmagynyň derejesini bellenen tertipde kesgitlemek arkaly, ýol hereketiniň kadalaryna laýyk gelmeýän awtoulag serişdeleri (Türkmenistanyň çäginden üstaşyr geçirilýänlerden we reeksportdan başga);

- sport nusgadaky ýokary tizlikli awtoulaglary hem-de hereketlendirijisiniň iş göwrümi 3.500 kub sm-den ýokary bolan ýeňil awtoulaglar (ýolsuz ýerlerde sürmäge niýetlenen awtoulaglardan, kiçi awtobuslardan, Türkmenistanyň çäginden üstaşyr geçirilýänlerden we reeksportdan başga);

- öndüriji tarapyndan sürüji we öňdäki oturgyçdaky ýolagçy üçin niýetlenen, azyndan iki sany howpsuzlyk ýassygy göz öňünde tutulmadyk ýa-da bolmadyk ýeňil awtoulag serişdeleri (Türkmenistanyň çäginden üstaşyr geçirilýänlerden başga)[1];

- mopedler we tizligi 120 km/sagatdan ýokary bolan motosikller (oba hojalygynda ulanyljak gozakly we nowaly motosiklden we mopedden hem-de Türkmenistanyň çäginden üştaşyr geçirilýänlerden we reeksportdan, reimportdan başga)[2];

---

[1] bu betde bellenilen kada Türkmenistanyň Prezidentiniň Diwanynyň Iş Dolandyryş Müdirligine, Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligine hem-de Türkmenistanyň Sport baradaky döwlet komitetine degişli däldir;

[2] bu bentde görkezilen awtoulag serişdeleri Türkmenistanyň ministrlikleri, pudak edaralary, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary we olaryň garamagyndaky edara-kärhanalar Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň degişli Orunbasarynyň rugsat bermegi esasynda getirilip biliner

- öndüriji zawod tarapyndan göz öňünde tutulmadyk goşmaça enjamlar bilen enjamlaşdyrylmagy bilen bagly ýa-da başga alamatlary boýunça Türkmenistanyň çäginde ýol hereketine gatnaşmak üçin bildirilýän talaplara laýyk gelmeýän awtoulag serişdeleri;

- Türkmenistanyň başga kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen Türkmenistanyň çägine getirilmegi (mundan beýläk - Getirilmegi) gadagan edilen awtoulag serişdeleri.

*Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň başlygynyň, Awtomobil ulaglary hem-de Içeri işler ministrleriniň bilelikdäki 638/197-Ö/275 belgili buýrugy, 17.11.2017*

*Çeşme: https://customs.gov.tm/ru/articles/announcement/669*